# ILKINJI TÜRKMEN ZENAN MUGALLYMY



Artykgül Teke gyzynyň portreti. Ö. Mämmetnurow. 1990

Makalada gürrüňi edilýän şahsyýet barada mekdep programmalarynda orun berilmänligi sebäpli awtor ýaşlara Türkmenistanyň taryhynda görnükli yz galdyran türkmen intelligensiýa wekili Tatýana Tekinskaýa barada maglumat bermekligi maksat edinýär. Şu ýerde esasy bellemeli zat, Türkmenistanyň Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky Artyk obasynda ýerleşýän orta mekdep Tatýana (Artykgül) Tekinskaýanyň adyny göterýär. Makala ýokary synp okuwçylary üçin niýetlenip, ol mekdep mugallymlary uçin gollanma hökmünde klas sagatlarynda ulanylyp bilner. Awtor hünäri boýunça filolog, jemgyýeti öwreniji, Türkmenistanyň orta mekdebiniň mugallymy. Makaladaky maglumatlar Tatýana Tekinskaýa barada 1993-nji ýylda Zaman studiýasy tarapyndan ekranlaşdyrylan dokumental filme esaslanýar. Şeýle hem, makalada Artykgül Tekinskaýa barada ozal çap edilmedik awtoryň toplan käbir maglumatlary getirilýär.

**“Meniň mähribanym, eziz dostum Muhammetguly!**
**Şu gün meniň 30 ýaşymyň dolýan güni. Biziň ülkämiziň eýelenmegine-de 27 ýyl bolýar. Men öz ýaşlarymyza olaryň ösüp, ähli halkymyza ruhy taýdan ýokary göteriliş we azatlyk berjegine berk ynanýaryn. Elbet-de, belki sen ony görüp bilmersiň, emma seniň çagalaryň we agtyklaryň ol döwürde ýaşarlar!”.**

**Tatýana (Artykgül) Tekinskaýa, 1908 ý.**

## Bilim-terbiýä bagyşlanan ömür

Artykgül Tekinskaýa diňe bir ilkinji türkmen zenan mugallymy bolman, eýsem, jemgyýetiň öňdebaryjy akyldary hökmünde ýaş nesliň ýüregine watançylyk, zähmetsöýerlik we bilim sowadyny eçilen şahsyýetdir. Onuň Artyk obasynda açan ilkinji mekdebi, halkynyň aň-düşinjesini ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Men şu makalany taýýarlamazymdan öň, häzirki Kaka etrabynyň Artyk obasyna baryp gördüm. Obanyň çägindäki №2-nji mekdebiň Artykgül Tekinskaýanyň adyny göterýändigine göz ýetirdim. Mekdebe giren badyma onuň portreti hormat bilen bezelen ýagdaýda goýlupdyr.

Men ol barada kimden sorasam, hemmesi maňa buýsanç bilen Artykgül Teke gyzynyň oba ilatyna, ene topragyna bolan söýgüsi barada gürrüň berdiler. Olar oňa “biziň gelnejemiz” diýip, hormat bilen ýatlaýarlar.

Bu bolsa Artykgül Tekinskaýanyň diňe bir mugallym däl-de, jemgyýeti bilen jebisleşen, halkyň ýüregine ýol tapan hakyky watançy we nusgalyk zenan bolandygyny ýene bir gezek görkezýär.







Artyk obasyndaky Artykgül Tekinskaýa adyndaky 2-nji mekdebiň binasy, derwezesi we girelgesi.
Awtoryň düşüren suraty.

## Türkmen zenan mugallymlarynyň öňbaşçysy

Eýsem Tatýana Tekiskaýa kim? Nirelerde okap tälim alyp, mugallymçylyk derejesine ýeten? Biz bu zenanyň täsin we üýtgeşik ykbaly barada nähili maglumatlara esaslanyp bileris? Tatýana Tekinskayanyň durmuşy we onuň ykbaly barada 1993-nji ýylda Zaman studiýasy tarapyndan döredilen dokumental filmi bellemek bolar. Bu filmde Russiýanyň Gosfilm Fondunyň hem Merkezi Döwlet kinofoto döwlet arhiwiniň kinomateriallary, Sank-Peterburgyň döwlet muzeýiniň eksponatlary we Merkezi kitaphananyň neşirleri, şeýle hem Türkmenistanyň merkezi döwlet we kino hem foto arhiwleriniň materiallary ulanylyp, Tatýana Tekinskaýanyň ykbaly barada gürrüň edilýär. Bu zenan barada Turkmen döwlet taryhy we ülkäni öwreniş, Türkmen döwlet şekillendiriş sungaty, Krasnowodskiniň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýleriniň eksponatlary, ýazyjy Ata Atajanowyň, Annagül Tekinskaýanyň şahsy arhiwiniň eksponatlary giňden suratlandyrylýar.



Tatýana Tekinskaýa.
Jemgyýetçilik eýeçiligi.

Türkmen halkynyň taryhynda pajygaly günleriň biri bolan Gökdepe galasynyň synan güni 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda patyşa rus goşunynyň serkerdeleri ‘’Ak general” diýilýän goşun generaly M.D. Skobelewiň ýolbaşçylygynda galanyň içinde aýlanyp ýörkäler ýeke galan takmynan üç ýaşlyja bir gyzjagazy tapýarlar. Ol gyzjagaza seretmekligi “Ak general” Gökdepe ýörüşine ýönekeý sanitar hökmünde gatnaşan grafinýa, harby ministriň gyzy bolan Ýelizaweta Dmitriýewna Melýutina tabşyrýar. Bu zenan bu gyzjagazy hyzmatkäri Radion bilen ýuwyp-ardyp, arassa eşik geýdirýärler. Ol gyzjagaz öz adyny bilmänden soň oňa rus däbi boýunça 12-nji ýanwar Tatýananyň güni mynasybetli oňa Tatýana diýip at goýýarlar, atasynyň ady hökmünde bolsa “Ak generala” ýanap, Mihaýlowna diýip, familiýasyna bolsa ol gyzjagaz teke gyzy bolansoň Tekinskaýa diýip goýýarlar. Soňra bir aý geçensoň, Milýutina Tatýanany öz ýany bilen Bamydaky esasy gospitala alyp gidýär, ol ýerden bolsa olar Tatýanany öz ýanlary bilen Moskwa alyp gidýärler.



Gökdepe galasyndaky söweş. Jemgyýetçilik eýeçiligi.

Moskwada Tanýajyk grafinýa Melýutinanyň öýünde bolýar, oňa ýörite bilim berýärler.

Ol ese-boýa galansoň ony Ýelizaweta adyndaky zenanlar institutyna ýerleşdirýärler. Tatýana bu ýerde gowy bilim alýar, birnäçe dilleri öwrenýär. Oňa bile okaýan gyzlary kä halat “Tekinka” diýip ýüzlenýän ekenler. Ol özüniň teke türkmendigini bilýärdi we häli-şindi ata Watany hakynda oýlanýardy. Oňa mugallymlarynyň biri türkmenler barada kitap hem beripdir. Ol şol kitaby okanda öz dogduk mekany ýadyna düşýärdi. Şonda onuň ýüregi has hem gysýardy, bir zady ýetmeýän ýaly müzzerilip ýörerdi.



Ýelizaýeta Melýutinanyň şekili.
Jemgyýetçilik eýeçiligi.

Tatýana okuwyna gaty jogapkärli garaýardy. Ol diýseň jepakeşdi, göreldeli okuwçylaryň biridi. Joralary onuň okaşyna guwanýardylar. Şeýdibem ol bu atly institudy abraý bilen tamamlaýar. Tatýananyň ýigrimi bir ýaşy dolanda onuň durmuşynda täze sahypa açylýar.Ol ýaş ýigit Pýotr Skwarsow bilen nikalaşýar. Olar adamsy Pýotryň Harkowa işe ugradylmagy bilen ol ýerik göçüp gidýärler. Olara Harkowyň gara toprakly mes ýeri, mylaýym howasy, şadyýan halky ýaraýardy. Olaryň ol ýerde üç gyzlary bolýar. Emma köneleriň "Towşana dogduk depe" diýenleridä. Tatýananyň ýüregi gysýardy. Onuň küýseýäni ata watany Türkmenistandy, Gökdepe galasydy. Sähel eli boşaşdygy gara gözlerini şol bir nokada dikip, pikir derýasyna batýardy, muny Pýotr duýsada "Aý näzik ýürekli aýal maşgaladyr-da, ýuwaş-ýuwaş öwrenşip giderdä" – diýip oňa üns hem bermeýärdi. Ahyry bir gün Tatýana ýaryldy, Pýotr bilen gürleşjek boldy, emma ol gürrüňden gaçyp ony soňa goýdy. Ol iş saparyna gidip, ol ýerde ýörite köp wagtlap eglendi. Emma näçe kän wagt geçdigiçe-de Tatýananyň Türkmenistana gaýtmak pikiri güýjeýärdi. Ahyry iki aý geçensoň Pýotr sapardan dolanyp gelýär we Tatýananyň ýüregi sowaşandyr öýdüp oňa we çagalaryna sowgatlaryny paýlaşdyrýar. Emma ertesi agşamaralar Tatýana Pýotra öz pikirini ýaňzydýar. Ol Pýotra ata watany Türkmenistanyň, Gökdepe galasynyň, ene-atasynyň, dogan-garyndaşlarynyň göz öňünden gitmeýändigini aýdýar we Türkmenistana gideli diýip ýalbarýar, türkmenleriň sadadan agzybir milletdigini düşündirýär. Emma Pýotr çürt-kesik garşy çykýar. Onda Tatýana özüni çagalary bilen goýbermegini soranda Pýotr ol barada gürrüň hem bolup bilmejegini aýdýar, onuň pikiriçe türkmenler basmaçylyk edip, hiç-bir häkimýede boýun bolman ondan-oňa göçüp ýören halk diýip düýpgöter garşy çykýar. Pýotr Tatýananyň goragsyzlygyndan peýdalanyp, çagalaryny suduň üsti bilen özi alyp galýar.

Naçar ene bagryndan önen perzentlerini goýup, öz ata watany Türkmenistana ýeke özi mejbur gaýtmaly bolýar. Ol wagtyň geçmegi bilen hemme zat düzeler, çagalar ulalar, gatnaşygy ýola goýarys, belkem meniň ýanymda ýaşarlar diýip öz-özüne göwünlik berýärdi. Şeýlelik bilen Tatýana çagalary bilen hoşlaşyp Türkmenistana gaýdýar.

## Aslynyň yzy bilen ene topraga tarap

Tatýana wagonyň penjiresinden daşaryny synlap barýşyna ahyryn gumluk çägä, alaňlardaky hažžyklara, gara öýlere gözi düşip başlaýar. Şonda ol uludan bir demini alypdy. Gynansakda Tatýana öz çyn adynam, ene dilinem bilenokdy. Bar ýadynda galan zat Gökdepe, teke gyzy we äpet galady.

Tatýana ençe ýyllaryň geçenine garamazdan ildeşleri bilen garyşyp gidiberýär, dilini öwrenýär. Soňra rus patyşasyna arza ýazyp, äriniň Skwarsow familiýasynyň deregine öňki gyz familiýasyny – Tekinskaýa familiýasyny alýar.

Tatýana her gezek şähere çykanda ildeşleriniň howatyrly, biynjalyk gözlerini, üýşip, gülüşip gezip ýören rus ofiserlerini görýärdi. Rus esgerleri, ofiserleri we olaryň maşgala agzalary hristian buthanasynda edil orsýetdäki ýaly arkaýyn çokunýardylar. Olaryň türkmenlerden ýygnaýan paçlaryna, eden-etdiliklerine Tatýananyň ýüregi gyýylýardy. Ol halkynyň galkynyp, tire-taýpalaryň birleşip, garaşsyzlyk gazanmagyny arzuw edýärdi (Ata Atajanow, 1987).




Aşgabadyň golaýynda Köşi düzlügindäki knýaz Aleksandr Newskiý adyndaky buthana. Jemgyýetçilik eýeçiligi.




Aşgabatdaky Woskresenskiý ybadathanasy. Jemgyýetçilik eýeçiligi.




Aşgabatdaky aýallar gimnaziýasy. Jemgyýetçilik eýeçiligi.

Tatýana aldygyna ene dilini öwrenýärdi. Ol adamlar bilen gysga wagtyň içinde öz ene dilinde düşünişmäge başlady. Soňra ol Zakaspiý oblastynyň naçalniginiň konselýariýasynda dilmaç bolup işe başlaýar. Tatýana bu ýerde esli işläp, olarda türkmenlere ýagşylykly resminamalaryň ýokdugyna özi göz ýetirýär. Şondan soňra Tatýananyň maksady ýaşlarda watançylyk duýgusyny oýarmak bolýar. Ahyry ol ýüreginde beslän arzuwyna – mugallymçylyk kärine geçýär. Ol zenanlar gimnaziýasynda okadyp başlaýar. Ol ýerde ol Watana bolan söýgüni, adalatly, erkana pikirlerini ýaşlara ýetirip başlaýar.



Aşgabatdaky aýallar gimnaziýasynyň zenanlary.
Jemgyýetçilik eýeçiligi.



Aşgabatdaky aýallar gimnaziýasyndan pursat. Jemgyýetçilik eýeçiligi.

## Erkin pikir ugrunda

Rus patyşasynyň Aşgabatdaky wekilleri Tatýanany halaman başlaýarlar. Ýerli halkyňam käbir sada dini düşinjelileri Tatýananyň dininiň aýratyndygyny eşidip ondan çekinýän wagtlary hem bolýan eken. Şol halatlarda ol hemme diniňem wekilleriniň agzybir bolmalydyklaryny düşündirýärdi. Bu zatlara garamazdan Tatýananyň mähremligi, päkize watançy ýüregi öz halkynyň oňa kem-kemden golaýlaşmagyna getirýär.

Tatýana ahal-teke atlary, nepis türkmen halylaryny, mal-garanyň öz halkynyň rus patyşasyna bermeli bolýandygyna gaty gynanýardy. Ol ýüregindäki pikirini diňe okuwçylaryna dälde, goňşy-golama, töweregindäki obadaşlaryna düşündirýärdi. Tatýana olara adalatly garaşsyz durmuş geler, öz elimiz, öz ýakamyz bolar diýip düşündirýärdi. Ýöne bu zatlar üçin göreşmelidiklerini aýdýardy. Tatýana garaşsyz, özbaşdak, erkana döwletini gurmaklygy dilinden düşürmeýärdi.

Emma rus patyşasynyň jansyzlary Tekinskaýanyň erkin pikirli wesýetlerini aňşyrýardylar. Maglumat toplaýardylar. Onuň her ädimini yzarlaýardylar. Şol döwür Tatýana bilimli ýigit Annamyrat Gurbanowa durmuşa çykýar. Olar bir ýyl töweregi ýaşanlarynda soň Tatýanany onuň erkin pikirleri üçin Artyk stansiýasyna sürgün edýärler. Şunlukda täze dörän maşgala dagaýar.

## Artykgül Teke gyzynyň Ilkinji türkmen mekdebi

Tatýana Tekinskaýa Artyk stansiýasynda öz halky bilen hasam ysnyşýar. Onuň tejribesi artyp başlaýar, öz ene dilinde gürleşmäge ökdeleýär. Ol ilkinji gezek bu ýerde türkmenler üçin mekdep açýar. Özi okadyp başlaýar. Bu hereketi üçin ol özüne howp abanýandygyny bilsede öz halkyna, Watanyna bolan söýgüsi üçin ol bu işinden el çekmeýär. Ýerli halk Tatýananyň mertebesini belent tutup, ony güle meňzedip oňa Artygyň güli diýiýýärler we soňy bilen onuň adyny Artykgül diýip tutup başlaýarlar. Şeýlelik bilen onuň ady Artykgül bolup galyberýär.

Ol öz halkynyň şatlygyna begenip, ýasynda aglaşardy. Aram-aram obadyr-öýlere aýlanyp düşündiriş işlerini geçirýärdi. Artykgüle edýän işleri az görünýärdi, onsoňam oňa alyp barýan işinde goldaw, pikirdeş gerekdi. Ýene bir esasy zat – duýgudaş ýoldaş, maşgala gerekdi. Ahyryn durmuş Artykgüli artykly ýigit Orazgeldi Çekiç ogly bilen ysnyşdyrýar, we olar maşgala gurýarlar. Hä diýmän olaryň gyzjagazlary bolýar. Ol gyzjagaz anna güni dogulansoň oňa Annagul diýip at goýýarlar. Emma gynansakda bularyň bagtly günleri uzaga gitmeýär.

Rus patyşasynyň “ohrankasynyň” kapitany Grugzinskiý Aşgabadyň gözegçilik edarasyna T. M. Tekinskaýanyň Han Ýomudskiý, Gasan Efendiýew we Muhammetguly Atabaýew dagy bilen dostlukly aragatnaşyk saklaýandygy barada we Han Ýomudskiýniň olaryň hemmesine täsiriniň ýetýändigi barada hat ýazýar. Onuň hatynda graf Palenin Zakaspiý oblastynda rewiziýa geçirýän mahalynda Tekinskaýa türkmenleri häkimiýete garşy agitirleýär diýip ýazypdyr. 1913-nji ýylda Muhammetguly Atabaýewiň öýi dökülende Tekinskaýanyň oňa ýazan hatlary tapylýar. Ol hatda T. Tekinskaýa şeýle diýip ýazypdyr: “Meniň mähribanym, eziz dostum Muhammetguly! Şu gün meniň 30 ýaşymyň dolýan güni. Biziň ülkämiziň eýelenmegine-de 27 ýyl bolýar. Men öz ýaşlarymyza olaryň ösüp, ähli halkymyza ruhy taýdan ýokary göteriliş we azatlyk berjegine berk ynanýaryn. Elbet-de, belki sen ony görüp bilmersiň, emma seniň çagalaryň we agtyklaryň ol döwürde ýaşarlar!” (Tatýana (Artykgül) Tekinskaýa, 1908 ý.)

Artykgüliň bu sapar gapysy kakylanda rus patyşasynyň ofiseri oňa öňki gylygyny dowam etdirýänligi üçin Ukraina sürgün edilýändigini oňa aýan edýär. Şeýlelikde, Artykgül Tekinskaýa ikinji gezek sürgün edilýär. Ony ol ýerdede yzarlap başlaýarlar.

## Tatýana Tekinskaýa hossarlarynyň gözleginde

2020-nji ýylyň tomus aýlarynyň birinde men inim bilen Türkmen ýazyjysy, taryhçy Rahym Esenow bilen duşuşamyzda ol meniň Tatýana Tekinsýanyň hossarlaryny gözlemek boýunça nämi iş edenligi barada beren sowalyma öň hiç ýerde ýazylmadyk gyzykly maglumatlary beýan etdi. Onuň aýtmagyna görä, Tatýana Tekinskaýa Zakaspiý oblastynyň edarasynda işlän döwri Gökdepäniň Yzgant obasynda öz süýtdeş aýal doganyny tapypdyr. Olaryň ikisi biri-birine şeýle bir meňzeş ekenler. Rahym aganyň gürrüňine görä, olaryň suratlaryny ol gören eken. Tatýana wagt tapan çagy paýtunly Yzganda doganynyňka myhmançylyga gider eken. Ol baran wagty doganynyň çagalary onuň öňünden “heýjanelek, rus daýzamyz gelýär” – diýip ylgaşyp çykar ekenler.

Tatýananyň aýal doganynyň sözlerine görä, Gökdepäniň synan güni rus atlylary birden depeden aşaklygyna inenlerinde bir topar çaga olardan gorkup gaçypdyrlar. Şonda ol hem gaçypdyr, ýöne şol pursat onuň üç ýaşlyja jigisi gözunden ýitipdir. Soňra yzyna dolanyp gelse jigisini tapmandyr.

## Ýatlama

Zaman studiýasynyň Tatýana Tekinkaýa barada taýýarlan dokumental filminde Tekinskaýanyň gyzy Annagül ol günleri ýatlap şeýle gürrüň berýär:

*“Ukrainada sürgündekäk graždanlyk urşy gidýärdi. Bolýan jaýymyza Denikinçiler döküldiler. Biziň hemmämiz garaja bolanymyz üçin bize jöhitlerdir öýdüp atjak boldular. Goňşymyz Arseniý daýy we Fiokla daýzady. Denikinçiler bizi diwaryň öňüne getirdiler. Men, ejem, Gülsoltan, ejemiň gujagynda-da körpe jigimiz Ýarmuhammet bardy. Esgerler hatara düzülip bize tüpeň çenäp başladylar. Serhoş ofiser buýruk berjek bolup durka hol ýokardan - üçekden sallanyp duran bir zada gözi düşýär. Ol grammafon ekeni. Derrew ony aşak düşürip, plastinka goýup aýtdyryp ugraýarlar. Bizi şol bada ýatdan çykardylar. Fiokla daýza bolsa olara bildirmän bizi penjireden çykaryp goýberdi. Şeýdip biz halas bolduk. Ertesi ruhana Wasiliý gelip: “Tatýana Mihaýlowna diwarda ikonany hökman asyp goýuň, şeýtseňiz hristiandyr öýdüp hiç kim Size azar bermez” diýip tabşyrdy. Ejem her niçigem bolsa bütin durky bilen özüni türkmen, musulman hasap edýärdi. Belki şonuň üçin ol öýde hiç wagt ikonany saklamandyr. Ýogsada ejeme hristian dinini ol kiçikä kabul etdiripdirler. Ejem pahyr ömrüne öz dogduk mekanyny küýsäp geçipdi.*



Aşgabatdaky aýallar gimnaziýasyndan pursat. Jemgyýetçilik eýeçiligi.

*Bir gün men, ejem we Gülsoltan üçimiz Kiýewe geldik. Şol ýerde suratada düşdük. Oktýabr rewolýusiýasy ýeňenden soň, Türkmenistanyň hem respublika bolanyny ejem bilýärdi. Biz ol ýere baryp, Watanymyza dolanyp barmak üçin rugsat berýän haty aldyk. Şeýdip biz 1924-nji ýylda Türkmenistana ugradyk. Watana bahym ýetjek bolup mal-haryt daşalýan wagonlara çenli mündük. Bakuwa gelenimizde ejem erbet ýarawsyzlak tapyndy. Ejem keselhana girmeklikden ýüz öwürdi, ol howlukýardy, çaltyrak Aşgabada ýetjek bolýardy. Ol “Aşgabatda mugallymlaryň gurultaýy bolýar, biz şoňa ýetişmeli” – diýýärdi. Soň deňizden aşyp Krasnowodska geldik. Ejemiň ýagdaýy hasam erbetleşdi. Soň Aşgabada gelenimizde ejemi derrew demirýol keselhanasyna ýerleşdirdiler. Ejem bizi çagalar internadyna ýerleşdirmegi ýoldaşlaryndan haýyş etdi. Üç gün geçenden soňam ejem ýogaldy. Şeýlelik bilen, bizem çagalar internadynda galyberdik. Ejemiň nirede jaýlanandygy şu güne çenli belli däl”* – diýip Annagül Tekinskaýa gürriňini soňlaýar.

Käbir çeşmelere salgylansak, Tatýana Tekinskaýa Aşgabat şäherindäki şu wagtky Gogol köçesiniň ugrundaky Azym işan gonamçylygynda çaýlanypdyr diýen maglumat bar, ýöne hiç hili resmi subutnama berilmeýär. Şol döwürler esasy ulaglaryň biri araba bolupdyr. Demirýol keselhanasyndan Azym işan öwlüýäsine merhumy äkitjek bolsaň ençeme yol ýöräp eltmeli. Emma şol döwür şu wagtky Keminäniň yadigärliginiň töwereginde Kümüş baba (ýa-da Kümüş mama) diýlen öwlüýä bolupdyr. Şonuň üçin keselhananyň işgärleri merhumy şäheriň demirgazyk çetine äkidenden bir kwartal gapdalyndaky öwlüýä eltip jaýlan bolmaklary ahmal. Şu ýerde meniň kiçilikden gulagymda galan kakamyň beren gürrüňi oýuma gelýär. Kakam bilen her zaman ulagda Keminäniň ýadygärliginiň deňinden geçenimizde şu ýerde Kümüş öwlüýäsiniň bolandygyny gürrüň berip, ol hemişe doga okap, töwir galdyrardy. Ýöne gynansakda, Artykgülüň hut şu ýerde Kümüş öwlüýäsinde topraga berlendigi barada subatnama galmandyr. Bize diňe güman etme galýar.

## Taryhy ýatlama barada seljerme

Tatýana Tekinskaýa baradaky maglumatlary özleşdirmek üçin hödürlenýän soraglar ýokary synp okuwçylaryna niýetlenendir we klas sagadynda ara alyp masalahat edilmelidir.

Geçmişe syn salyp, Tatýana Tekinskaýanyň ykbalyna seljerme geçireliň we birnäçe soraglara jogap tapmaga synanyşalyň.

1. Artykgul Teke gyzy dokumental filminde Tekinsýanyň gyzy Annagül ejesi barada ýatlamasynda şeýle diýýär:

   “Ejem 1906-njy ýylda Aşgabada gelýär. Derrewem Daşkende ugraýar. Sebäbi, Aşgabatda işlemek üçin Daşkentden rugsat almalydy. Ejeme rugsat berensoňlar ol Aşgabada gelip, Zakaspiý oblast kanselýariýasynda dilmaç bolup işleýär. Daşyndanam zenanlar gimnaziýasynda nemes, fransuz dilleri boýunça sapak berýär…Bu gimnaziýada diňe ýokary gatlagyň çagalary okadylypdyr. Ejem bu gimnaziýa türkmen gyzlarynam çekjek bolýar, emma rugsat berilmeýär. Ejemiň erkin hereketleri şobada patyşa çinownikleriniň gözüne kaklyşýar. Bu akylly-başly, düşünjeli aýaldan az gorkmaýardylar…”

   Bu ýatlamadan nähili many çykaryp bolar?

2. General M. Skobelew Gökdepe galasy synan mahaly kiçijik gyzjagaza duş gelmedik bolsa Tatýana Tekinskaýanyň ykbaly nähili bolardy? Siziň pikiriňizçe, generalyň gyzjagazy Orsýede alyp gitmek baradaky buýrugy nämä esaslanyp bilner?
3. Egerde, Tatýana Tekinskaýa Türkmenistana dolanman, Orsýetde galyberen bolsa, ony biz tanarmydyk?
4. Tatýana Tekinskaýa 1924-nji ýylda ölmän galyp işlän bolsa, 1937-1938-nji ýyllardaky basha-baslygyň netijesi munuň ykbalyna nähili täsir ederdi?
5. Artykgül Teke gyzynyň ykbaly näderejede ýurduň ykbaly bilen baglanyşykly?
6. Tatýana Tekinskaýanyň şahsyýetiniň möhüm manysy nämeden ybarat?

# ULANYLAN ÇEŞMELER


1. Artykgül Teke gyzy. 1993. Film. 1-nji bölüm.
2. Artykgül Teke gyzy. 1993. Film. 2-nji bölüm.
3. Atajanow Ata. Teke gyzy Tatýana. 1987. Aşgabat. Türkmenistan.
4. Aýan Tourism and Travel. История Татьяны Текинской, текинской девочки из Гекдепе. 2023.
5. Awtoryň Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Artyk obasynda alan suratlary. 2025.
6. Surat: Gökdepe söweşi. Aşgabat şäherindäki Şekillendiriş sungaty muzeýi.
7. Ханымамедов Эрик. Татьяна Михайловна Текинская, первая русская туркменка. 2013.